Berkarar döwletiň Täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda ýurdumyzda uly üstünliklere beslenýär. Ýagny halkymyzyň milli buýsanjy bolan Ahalteke bedewleri we onuň gadymy şöhratynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen ösdürilýändigi barada aýdylanda, milli buýsanjymyzyň özboluşlylygy hem-de olaryň aýratynlyklary barada hem bellemeli. Çünki dünýäde iň gadymy tohumdaky atlaryň biri hasaplanýan ahalteke bedewlerinde özüne mahsus aýratynlyklar jemlenendir. Munuň özi milli atşynaslyk ýörelgeleriniň we türkmen seýisleriniň yhlasynyň kämil derejä ýetirilendiginiň aýdyň subutnamasydyr. Munuň özi behişdi bedewlere we türkmen atşynaslaryna goýulan hormaty alamatlandyrýar. Ahalteke bedewleriniň taryhy mekany bolan türkmen topragynda ösdürilip ýetişdirilen bu atlar dünýä atşynaslaryny baýlaşdyrmak bilen bir hatarda, arassa ganly bedewleriň baş sanyny saklamak ugrundaky zerur işler hem esas döredýär.

Mahlasy, ahalteke bedewlerini seýislemek we ösdürip ýetişdirmek hem-de atçylyk sportunyň dürli görnüşlerini işjeňleşdirmek meseleleri bu günki – günde kämil ýagdaýda ösdürilýär. Bu hem bolsa ahalteke bedewiniň gaýtalanmajak gözelliginiň berkarar bolmagy bilen bir hatarda, milli atçylyk sportunyň ösdürilmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda Akhanyň gazanan üstünligi türkmen bedewiniň abraýyny ýene-de bir gez belende galdyrdy, onuň şan – şöhratyny has-da artdyrdy. Meşhur atlaryň gadymdan gelýän şöhraty döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen gaýtadan dikeldilýär.

Şeýle hem türkmen halkymyzyň öz at-abraýyny has-da belentlere galdyrmakda uly aladany edýän, Gahryman Arkadagymyzyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, belent başlarynyň aman, tutumly işleriniň mundan beýläkde rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýärin!

**Mekan TÄŽIÝEW**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň kätibi**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024